# Futbol boýunça dünýä çempionaty we Kataryñ nyşana alynmagy

Category: Kitapcy,Sport we turizm
написано kitapcy | 25 января, 2025
Futbol boýunça dünýä çempionaty we Kataryñ nyşana alynmagy
FUTBOL BOÝUNÇA DÜNÝÄ ÇEMPIONATY WE KATARYÑ NYŞANA ALYNMAGY




*Synçylaryñ bitarap ýagdaýda bilişi ýaly, Günbataryñ mediýa platformalarynda arap we musulman jemgyýetler bilen baglanyşykly gürrüñlere gönükdirilen kemsidiji gep-gürrüñlere, ýigrenç duýgusyny döredýän kampaniýalara parhlylyk hem-de aýgytly garşy çykýan birtopar seslenmeler bar.*
*Katarda 2022-nji ýylda geçirilýän futbol boýunça dünýä çempionatynyñ öñüsyrasynda Dohada diwaryñ ýüzüne çekilen bir surat.* ***Forosurat: Kirill Kudrýawsew / AFP***
Halkara Futbol Federasiýasynyñ (FIFA) başlygy Janni Infantino 2022-nji ýylyñ futbol boýunça dünýä çempionatyny geçirýändigi üçin Katar döwletini nyşanalaýan kampaniýany, tankydy bellikleri «adam hukuklaryny» goramak bahanasy bilen bulagaýlyk edýän ýewropaly taraplaryñ ikiýüzlüligi hökmünde dogry baha berdi.
Bu ýerde aýdylýan tankydy bellikleriñ diñe etniki azlyklarnbilen baglanyşyklydygyny nygtamak gerek.
Ilki bilen-ä, Günbataryñ adam hukuklary babatda ikitaraply ýa-da has köp ülñüli çemeleşende ikiýüzlülik edýändigi barada

aýdylýan gep-gürrüňler ir wagtlardan bäri bar.
Başgaça aýdanda, muny birinji gezek Infantino tarapyndan agzalan zat däl. Ýöne şeýle diýende-de, uçdantutma hemmesini aýyplamak nädogry.
Biraz soňrak munuň üstünde aýratyn durup geçeris. Häzirlikçe iň wajyp zat hökmünde şu hakykatyň hasaba alynmagy gerek:
Geçen ýekşenbe güni futbol çempionatynyň şeýlekin saýlama halkara wekilleriň gatnaşmagynda başlanmagy kampaniýanyň Kataryň «derwezesine» ýeke gol salyp bilmändigininiň aýratyn görkezijisidi.
Has dogrusy, kampaniýa «kürre tozanyny» turuzmakdan başga zat edip bilmedi.
Gaýtam ýaşyl meýdança dürli-dürli medeniýetlerdenn ynançlardan we pikirlerden düzülen adamlary bir ýere jemläp ajaýyp futbol duşuşyklarynyň we garşydaş toparlaryň arasyndaky garaşylmadyk oýunlaryň lezzetini görmäge taýýar ýagdaýa getirildi.
Munuň bilen birlikde işiň ýaramaz tarapy, geçen aýlarda garalama kampaniýasynyň ýygjamlaşmagy bilen birlikde meseläniň diňe Katar bilen çäklenmän, aýratynam Pars aýlagynyň arap jemgyýetleriniň goldanýan kada-kanunlarynyň hemmesini we esasan-da musulman jemgyýetleri nyşanalaýandygyna düşünilip başlandy.
Şeýle-de, ýer ýüzünde ýaşaýan we Günbatar jemgyýetiniň adamlaryň özara gatnaşyklarynyň daşyndaky zatlar bilen baglanyşykly ülňülere doly boýun egmegi häli-häzirlerem ret edýän birnäçe jemgyýetiň gymmatlyklaryna hüjüm edýändigine göz ýetirildi.
Hakykatdan-da, bu ýagdaý hususanam günbatarlylaryň başga jemgyýetleriň işlerine kämahal aň ýetirip bolmajak derejede nähili burunlaryny sokuşyny, Günbatar jemgyýetleriniň kimdir birinde onlarça ýyllap ýaşan biri hökmünde yakyndan we mysal üçin žurnalist hökmünde hünär baglanyşygynda yzarlaýanlar üçin aşa geň görünýär.
Belli azlyklaryň «hak-hukuklaryny» goraýandyklaryny öňe sürýänler «geçiň öň aýagy» ýaly bolsa-bolmasa hemme ýere sokulyp ýörüşleri, hamala halkara şertnamalar arkaly kepillik astyna alynan hak-hukuklary ýaly kejeňeklik edýärler. Munuň

özi aýratynam şahslaryñ özara adaty däl gatnaşyklarynda şeýle. Günbatar jemgyýeti, mysal üçin, dini ýazgylara garşy gönükdirilen hereketleri indi hiç bir gözegçilige tabyn tutman, mukaddeslik derejesine göterilen jemgyýetçilik gymmatlyklarynyñ kemeldilmegini bökdeýän ähli «tabulary» bir ýana süýşürip, bökdençlikleri aradan aýryp, şeýle anormal gatnaşyklary kadalaşdyrmakda aýratyn nygtalmaga mynasyp sepgide ýetdi.




Bu üýtgeşmeleri ýakyndan yzarlaýan biriniñ gözüne ilýän

täsinligi iki tarapdan görüp bolýar.
Birinjisi, anormal azlyklar häzirem ýigrenç gatyşykly basyşlara uçraýar we hut Günbatar jemgyýetlerinde özlerine garşy edilýän diskrimiasiiýadan ejir çekýär, hut geçen ýekşenbe gününiñ agşamy ABŞ-nyñ Kolorado ştatyndaky gijeki barlaryñ birinde bolup geçen wakalar munuñ, megerem, iñ soñky bolmajak ýene bir subutnamasydyr.
Ikinjisi juda täsin: şol azlyklaryñ adyndan gürleýän «lobbileriñ» kowum-kowahada sygmaýan gymmatlyklaryny bulary ret edýän jemgyýetlere satma hötjetligi.
Katary we bikanunçylyklary kanunylaşdyrmaga hem-de kowum-kowahada sygmaýan nysaklaryny adatylaşdyrmaga mejbur etmek synanşyklaryna direýän beýleki ýurtlary nyşanalaýan kampaniýanyñ añyrsynda şol niýet bardy we häzirem bar.
Hernä, Katar bu urgyny yzyna gaýtaryp bildi. Ata-babalarynyñ ýetişen, perzentleriñ, agtyk-çowluklaryñ goldanýan mirasynyñ gymmatlyklaryna wepaly nesillerimiz barka hiç bir arap jemgyýeti ýa-da umumyadamzat jemgyýeti bu urgyny «derwezesine» saldyrmaz.
FIFA-nyñ başlygy Infantino barada aýdanda bolsa:
Ol Günbatar mediýasynda Katara garşy ýöredilýän garalama kampaniýasyny «ikiýüzlilik» daşlary bilen urup, gowy iş etdi. Ýöne munuñ özi gürrüñi edilen ýaramaz sypaty tutuş Günbatar mediýasyna ýa-da Günbatar jemgyýetleriniñ hemmesine ýöñkemegiñ hiç bir ýagdaýda dogry däldigi hakykatyna kölege düşürip bilmez.
Synçylaryñ bitarap ýagdaýda bilişi ýaly, Günbataryñ mediýa platformalarynda arap we musulman jemgyýetler bilen baglanyşykly gürrüñlere gönükdirilen kemsidiji gep-gürrüñlere, ýigrenç duýgusyny döredýän kampaniýalara parhlylyk hem-de aýgytly garşy çykýan birtopar seslenmeler bar.
Akyly-huşy ýerinde bolan islendik kişiniñ bilşi ýaly bäş barmagyñ bäşisi-de gyradeñ bolmaýar.
Gowy adamlaryñ bolşy ýaly erbet adamlaram bar. Ýöne hemme zatdan ötri ýaradylyşdan gowy zat bolup bilmez.



Bekir UWEÝDA.
Penşenbe 24.11.2022 ý. Sport we turizm